#53 (75)
понедельник, 3 января 2022 года

Интернет газета
Международные новости

Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана



# ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПРОВЁЛ ТЕЛЕФОННЫЙ РАЗГОВОР С ПРЕДСЕДАТЕЛЕМ СОВЕТА ФЕДЕРАЦИИ ФЕДЕРАЛЬНОГО СОБРАНИЯ РОССИЙСКОЙ ФЕДЕРАЦИИ

28 декабря в рамках рабочего визита в Российскую Федерацию для участия в неформальном Саммите лидеров стран СНГ в Санкт-Петербурге Президент Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов провёл телефонный разговор с Председателем Совета Федерации Федерального собрания Российской Федерации Валентиной Матвиенко.

В ходе конструктивной беседы стороны затронули вопросы двусторонних отношений по различным направлениям, в частности дальнейшее развитие межпарламентского взаимодействия между Туркменистаном и Россией. Были также рассмотрены вопросы, связанные с подготовкой и проведением в мае 2022 года в Ашхабаде Межпарламентского форума стран Центральной Азии и Российской Федерации.

В данном контексте Президент Туркменистана и спикер верхней палаты российского парламента обменялись мнениями касательно возможности проведения в этот же период времени в Ашхабаде заседания Диалога женщин Центральной Азии и России.

Как отмечалось, формат Диалога женщин имеет большое будущее и на уровне Организации Объединённых Наций как платформа взаимодействия в мировой политике. В этой связи собеседники подчеркнули целесообразность подготовки специальной резолюции Генеральной Ассамблеи ООН, в которой бы подчёркивалась значимость Диалога в повышении активности женщин в государственной и международной жизни.

Завершая беседу Президент Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов тепло поздравил Председателя Совета Федерации Федерального собрания РФ Валентину Матвиенко с наступающим Новым годом, адресовав пожелания здоровья и больших успехов в государственной деятельности.

# В НЕФОРМАЛЬНОМ САММИТЕ СНГ ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ВЫДВИНУЛ ПРИОРИТЕТЫ ВЗАИМОДЕЙСТВИЯ

28 декабря состоялся рабочий визит Президента Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедова в город Санкт-Петербург Российской Федерации для участия в очном формате на неформальном саммите руководителей стран Содружества Независимых Государств.

На традиционной встрече руководителей государств – участников СНГ, инициированной Президентом Российской Федерации также приняли участие Президент Азербайджанской Республики Ильхам Алиев, Премьер-министр Республики Армения Никол Пашинян, Президент Республики Беларусь Александр Лукашенко, Президент Республики Казахстан Касым-Жомарт Токаев, Президент Кыргызской Республики Садыр Жапаров, Президент Республики Таджикистан Эмомали Рахмон, Президент Республики Узбекистан Шавкат Мирзиёев. На встречу также был приглашён первый Президент Республики Казахстан Нурсултан Назарбаев.

Основная цель встречи заключалось в подведение итогов 2021 года и наметить дальнейшие шаги развития эффективного взаимодействия на площадке Содружества. Кроме того, на платформе саммита будут также затронуты вопросы расширения экономической кооперации стран и развитие взаимодействия в области безопасности.

Кроме того, в ходе встречи Главы стран СНГ обсудили актуальные вопросы повестки дня, прежде всего, ход реализации партнёрства в политико-дипломатической, торгово-экономической и культурно-гуманитарной сфере. Лидеры государств подвели основные итоги нынешнего юбилейного года – 30-летия образования Содружества.

Открывая неформальный Саммит, Президент Российской Федерации Владимир Путин поблагодарил всех за принятое приглашение и, пользуясь случаем, поздравил глав дружественных государств с 30-летием создания СНГ и 30-летием независимости стран Организации.

Как отметил российский лидер, само создание Содружества было, безусловно, оправданным, интеграция по очень многим направлениям углублялась в разных аспектах: и в сфере обеспечения безопасности наших государств, и в сфере экономики. По его мнению, именно наработанные связи дают возможность проходить и тяжёлое время пандемии, с которой столкнулись все страны мира.

Как известно, Туркменистан, являясь ассоциированным членом Содружества Независимых Государств в силу своего нейтрального статуса, активно участвует в делах СНГ, выступая за развитие плодотворного сотрудничества по самому широкому спектру направлений, причём как на двусторонней, так и многосторонней основе.

В данной связи, выступая на Саммите, Президент Гурбангулы Бердымухамедов поблагодарил Президента Владимира Путина за оказываемую в этой области помощь. В этой связи, Президент Туркменистана отметил, что были проведены заседания уставных и отраслевых органов СНГ, ряд мероприятий культурного характера, организованы выставки и ярмарки с участием представителей стран Содружества.

Важной частью интеграционных процессов на пространстве СНГ Глава Туркменского государства выделил экономическую составляющую, на основе совместимости экономических и структурных параметров, развития кооперационных и партнёрских связей, выстраивания производственных, технологических, логистических цепочек с сильной инновационной составляющей.

***(Окончание на 2-й стр.)***

# ПОСТАНОВЛЕНИЕ
## Меджлиса Милли Генгеша Туркменистана
## Об объявлении 2022 года Годом «Эпоха народа с Аркадагом»

Год «Туркменистан – Родина мира и доверия», объявленный по инициативе глубокоуважаемого Президента Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедова, золотыми буквами вписывается в летопись независимости нашей страны, уверенно идущей вперёд к новым вершинам развития. Торжественное, с большим чувством гордости празднование славного 30-летия священной независимости постоянно нейтрального Туркменистана прославило на весь мир достигнутые нашей страной за короткий срок колоссальные рубежи в результате единства и усердного труда туркменского народа, ещё прочнее сплотившегося вокруг своего национального лидера.

Коренные преобразования, осуществляемые на всех направлениях жизни нашей страны в эпоху могущества и счастья, находят своё яркое воплощение в успешно реализуемой гуманной политике нашего родного Аркадага «Государство – для человека!».

Многочисленные мероприятия, проведённые в стране и на международном уровне в целях пропаганды общественно-политического значения и смысла девиза завершающегося Года «Туркменистан – Родина мира и доверия», инициативы нашего уважаемого Президента, выдвинутые на крупных международных форумах во имя укреп¬ления мира и доверия на всей земле, позволили донести до мировой общественности проводимую нашей страной миролюбивую внутреннюю и внешнюю политику, достигнутые успехи за 30 лет священной независимости, опираясь на статус постоянного нейтралитета, славную историю, культурно-духовное наследие, традиции нашего народа. А это явно продемонстрировало на весь мир неиссякаемую творческую энергию нашего уважаемого Президента, присущую современному руководителю и признанную на международном уровне, ещё больше укрепило авторитетное место Туркменистана в мировом пространстве.

Радующие исторические события, происходящие в жизни нашей страны и общества, большие успехи, достигаемые в политике, экономике и социально-культурном направлении, сплочённый народ независимого, постоянно нейтрального Туркменистана неразрывно связывает с именем Президент Аркадага. Именно поэтому всё более крепнет непоколебимая вера туркменского народа в своего Аркадага, его гуманную политику, берущую своё начало из его мудрости и разума, в светлое будущее строящегося справедливого гражданского общества.

В нашей стране стало доброй, идущей из душевного побуждения нашего народа, традицией – именовать каждый наступающий год в соответствии с современностью. Эта традиция повышает чувство гордости нашего народа за Родину, которая является Отечеством дружбы и братства, и за эпоху благополучия и счастья, стремление к вдохновенному и добросовестному труду.




В целях широкой пропаганды и доведения до мировой общественности беспрецедентных успехов, достигутых нашей родимой Отчизной за годы ¬независимости, и широкомасштабных преобразований, реализуемых в нашей стране под дальновидным руководством Героя-Аркадага, значения великой деятельности, направленной на укрепление основ государственности, ещё большее наращивание экономической мощи нашей страны, дальнейшее повышение социально-бытового уровня жизни нашего народа, продуманной внутренней и внешней политики Туркменистана в эпоху могущества и счастья, воспитания молодого поколения в духе патриотизма и гордости за эпоху с Аркадагом, констатируя, что наше Отечество добилось огромных успехов за годы независимости благодаря неустанным усилиям нашего национального лидера и в результате чего достигло новых рубежей в строительстве могущественного государства, демократизации общественной жизни, опираясь на национальные устои государственности, туркменский народ вступает со своим Аркадагом в третьем десятилетии XXI века в новую эпоху, а также учитывая поступившие от государственных органов, организаций, предприятий, крупных общественных объединений и граждан нашей страны и широко поддержанные всем народом многочисленные предложения об объявлении 2022 года Годом «Эпоха народа с Аркадагом», Меджлис Милли Генгеша Туркменистана **постановляет:**

Объявить 2022 год Годом **«Эпоха народа с Аркадагом».**

**Председатель Меджлиса Милли**
**Генгеша Туркменистана**
**Г.МАММЕДОВА**

г.Ашхабад, 27 декабря 2021 года.

# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ WE DÖWLET HOWPSUZLYK GEŇEŞINIŇ BILELIKDÄKI MEJLISI

27-nji dekabrda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow tamamlanyp barýan ýylda Ministrler Kabinetiniň we Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň Täze ýyl baýramynyň öňüsyrasyndaky jemleýji bilelikdäki mejlisini geçirdi. Oňa Aşgabat şäheriniň we welaýatlaryň häkimleri hem çagyryldy.

Mejlisiň gün tertibine geçmek bilen, döwlet Baştutany Milli Geňeşiň Mejlisiniň Başlygy G.Mämmedowa söz berdi. Ol geljek ýylyň şygaryny we nyşanyny taýýarlamak boýunça ýerine ýetirilen işler barada maglumat berdi. 2022-nji ýylyň şygary «Halkyň Arkadagly zamanasy» diýlip yglan edildi hem-de Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň garamagyna ýylyň nyşanynyň taslamasy hödürlenildi.

2022-nji ýylyň şygaryny tassyklamak hakyndaky çözgüt halkymyzdan gelip gowşan köp sanly teklipleriň esasynda kabul edildi. Milli Geňeşiň Mejlisiniň Başlygy geljek ýylyň nyşanynyň taslamasyny milli Liderimiziň garamagyna hödürläp, onuň yglan edilen bäsleşik esasynda saýlanyp alnandygyny habar berdi.

Bilelikdäki mejlisiň dowamynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow tamamlanyp barýan ýylda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada aýtdy. 2021-nji ýyl Garaşsyz Watanymyzyň 30 ýyllyk şanly ýubileýiniň ýyly, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly hökmünde berkarar döwletimiziň taryhynda hemişelik galar.

Döwlet Baştutanynyň belleýşi ýaly, häzirki döwürde berkarar Watanymyz sebitde durnuklylygyň hem-de howpsuzlygyň daýançlarynyň, kuwwatly we depginli ösýän, daşary ýurt maýa goýumlary üçin özüne çekiji, dünýäde uly abraýa hem-de hormata eýe bolan döwletleriň biri hökmünde giňden tanalýar.

Garaşsyz Diýarymyz içerki durnuklylygy, syýasy ulgamynyň berkdigi, döwlet hem-de jemgyýetçilik durmuşyna demokratik kadalary tapgyrlaýyn ornaşdyrýandygy bilen tapawutlanýar. Bularyň ählisi halkara giňişlikde özümizi ynamly duýmaga, dünýäniň ähli döwletleri bilen deňhukukly gatnaşyklary alyp barmaga mümkinçilik berýän hakyky şertler bolup durýar.

Şol bir wagtyň özünde ýubileý ýyly, dünýädäki kynçylyklara garamazdan, halkara işler we ykdysady soraglar babatda Garaşsyz Watanymyz üçin, umuman, üstünlikli ýyl boldy. Biz halkara çäreleri ýokary derejede geçirdik diýip, Türkmenistanyň Prezidenti sözüni dowam etdi. Ata Watanymyzyň Garaşsyzlyk baýramyny belläp geçdik, 2021-nji ýyl üçin meýilleşdiren ähli işlerimizi diýen ýaly üstünlikli amala aşyrdyk.

Döwlet Baştutany geçirilen iri çäreleriň hatarynda Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň XI mejlisine, Merkezi Aziýanyň döwlet Baştutanlarynyň 3-nji konsultatiw duşuşygyna, Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň 15-nji sammitine aýratyn ünsi çekdi.

Türkmenistanyň daşary syýasatynyň öz binýatlyk häsiýetine, ýagny bitaraplyk, parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk we özara bähbitli hyzmatdaşlyk kadalaryna berk eýermek esasynda amala aşyrylýandygy bellenildi.

***(Dowamy 2-nji sahypada).***

# В НЕФОРМАЛЬНОМ САММИТЕ СНГ ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ВЫДВИНУЛ ПРИОРИТЕТЫ ВЗАИМОДЕЙСТВИЯ

*(Начало на 1-й стр.)*

Президент Туркменистана также призвал активизировать работу с партнёрами Содружества, прежде всего, с региональными экономическими объединениями евразийской направленности, такими как Шанхайская Организация Сотрудничества, Евразийский экономический союз, Организация Экономического Сотрудничества. Это позволит странам СНГ, используя собственный производственный, ресурсный, технологический потенциал, выйти на системные линии партнёрства, предлагая привлекательные совместные проекты в транспортной, энергетической, промышленной областях.

При этом, особо отмечена значимость инициативы о формировании новой философии современных международных отношений, названной как «Диалог – гарантия мира».



Говоря о необходимости продолжения борьбы с последствиями COVID-19, Президент Гурбангулы Бердымухамедов отметил особенную важность последовательного и скорейшего выхода на восстановление экономических и торговых связей, снятие вынужденных ограничений в транспортном сообщении. При этом, как подчеркнул Глава Туркменистана, накопленный национальный и международный опыт в борьбе с пандемией и её последствиями, позволяет надеяться на успешный результат этой работы.

Глава Туркменистана также выступил с рядом инициатив, предложив новые направления сотрудничества в сфере научной медицины. В частности, говоря об угрозах биологической безопасности на пространстве СНГ, Президент Гурбангулы Бердымухамедов предложил ещё раз пересмотреть и подписать единый документ в данной сфере, отметив при этом, что Туркменистан и РФ такой документ уже подписали.

Отмечая важность продвижения экономических интересов Содружества за его географические пределы, интегрирования в совместные проекты сопредельных стран и соседних регионов, глава Туркменистана акцентировал внимание на том, что, в первую очередь, это касается создания транспортно-транзитной инфраструктуры, оптимизации и расширения поставок энергоносителей, прокладки новых линий связи и коммуникаций. Решающим фактором успешного сотрудничества в вышеназванных сферах является деятельное участие стран Содружества в формировании устойчивых транспортно-транзитных коридоров по направлениям Север–Юг и Восток–Запад.

Президент Туркменистана подчеркнул, что в ряду приоритетов СНГ должно оставаться культурно-гуманитарное сотрудничество.

Также на встрече были обсуждены вопросы сотрудничества в сфере здравоохранения и медицинской промышленности. В этом контексте, состоялся обмен мнениями по совместным мерам, предпринимаемым по предотвращению дальнейшего распространения COVID-19, конкретным шагам тесного взаимодействия государств СНГ в этом направлении, также регулярному обмену опытом между медицинскими сообществами стран в вопросах профилактики и борьбы с коронавирусной инфекцией.

# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ WE DÖWLET HOWPSUZLYK GEŇEŞINIŇ BILELIKDÄKI MEJLISI

*(Başlangyjy 1-nji sahypada).*

Ikitaraplaýyn hyzmatdaşlyk bilen baglylykda, ilkinji nobatda, goňşy döwletler bilen dost-doganlyk gatnaşyklarynyň berkidilmegine uly üns berilýär. Bu döwletler bilen ynanyşmagyň, özara düşünişmegiň ýokary derejesi gazanylyp, dürli ugurlarda açyk we netijeli gatnaşyklar alnyp barylýar.

Tamamlanyp barýan ýylda halkara saparlaryň guralandygy barada aýdyldy. Türkmenistanyň Prezidenti dünýäniň 5 döwletinde resmi saparda boldy. Biziň ýurdumyza döwlet Baştutanlarynyň we ýokary wezipeli adamlaryň 19 sapary amala aşyryldy.

2021-nji ýylda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň daşary ýurt döwletleriniň resmi wekilleri, şol sanda döwlet we hökümet Baştutanlary, şeýle hem dürli halkara korporasiýalardyr kompaniýalaryň ýolbaşçylary bilen ikitaraplaýyn 84 duşuşygy, telefon we sanly ulgam arkaly 25 gepleşigi geçirildi. Netijede, hökümetara resminamalaryň 200-den gowragyna gol çekildi.

Biziň möhüm halkara soraglary çözmäge gönükdirilen netijeli tekliplerimizi iri, abraýly halkara guramalar biragyzdan goldady. Şeýlelikde, Bitarap döwletimiziň başlangyjy bilen, Baş Assambleýa «Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň orny», «Koronawirus keseliniň (COVID-19) pandemiýasy we ondan soňky döwürde durnukly ösüş üçin üznüksiz we ygtybarly halkara ýük daşamalary üpjün etmek maksady bilen, ulagyň ähli görnüşleriniň arabaglanyşygyny berkitmek», «Birleşen Milletler Guramasynyň we Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň arasynda hyzmatdaşlyk» atly Kararnamalary biragyzdan kabul etdi diýip, milli Lider belledi.

Bulardan başga-da, Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň Gender deňligi hem-de zenanlaryň hukuklaryny we mümkinçiliklerini giňeltmek meselesi boýunça düzüminiň Ýerine ýetiriji geňeşiniň (BMG — Zenanlar) agzalygyna, BMG-niň Ýewropa ykdysady komissiýasynyň wise-başlyklygyna, ÝUNESKO-nyň Hökümetara okeanografiýa komissiýasynyň Ýerine ýetiriji geňeşiniň, ÝUNESKO-nyň Halkara gidrologiýa maksatnamasynyň hökümetara geňeşiniň agzalygyna saýlandy. Şeýle hem Merkezi Aziýanyň döwlet Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşygynyň jemleri boýunça kabul edilen Bilelikdäki Beýannamanyň hem-de Merkezi Aziýa ýurtlarynyň zenanlarynyň dialogynyň Jarnamasynyň Birleşen Milletler Guramasynyň resmi dillerinde çap edilip, agza ýurtlaryň arasynda ýaýradylandygyny bellemeli.

Goňşy Owganystanda durmuş-ykdysady taslamalary amala aşyrmaga ýardam etmek we ynsanperwerlik kömegini bermek arkaly bu ýurdy hemmetaraplaýyn goldamak boýunça hem işjeň çäreler dowam etdirildi diýip, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow aýtdy.

Umuman, ýurdumyzyň daşary syýasat boýunça baş ugry parahatçylygy, howpsuzlygy we durnuklylygy mundan beýläk-de hemmetaraplaýyn berkitmäge, Durnukly ösüş maksatlaryny durmuşa geçirmäge gönükdirilendir.

Döwlet Baştutanynyň belleýşi ýaly, şu ýyl Ministrler Kabinetiniň 35, Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň 13 mejlisi, döwlet derejeli maslahatlaryň hem 59-sy geçirildi.

Ministrler Kabinetiniň, Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň mejlislerinde, halkara duşuşyklarda çylşyrymly syýasy, ykdysady we durmuş soraglaryna seredildi. Bitarap döwletimiziň hukuk ýagdaýyndan ugur alnyp, şol soraglar boýunça degişli çözgütler kabul edildi, ençeme resminamalara gol çekildi.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow dowam edýän koronawirus pandemiýasy we köp ýurtlarda girizilen çäklendirme çäreleri şertlerinde daşary ýurtly hyzmatdaşlarymyz bilen söwda-ykdysady gatnaşyklary alyp barmaga aýratyn üns berlendigini kanagatlanma bilen belledi. Ykdysadyýetimiziň dürli pudaklarynda bilelikdäki maýa goýum taslamalaryny ýokary hilli taýýarlamak hem-de durmuşa geçirmek boýunça netijeli işler alnyp baryldy. Hyzmatdaşlygy ösdürmegiň täze ugurlary kesgitlendi.

Bellenen maksatnamalary ýerine ýetirmek, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň peselmegine ýol bermezlik üçin bolup geçýän üýtgeşmeler boýunça gyssagly çäreleri gördük diýip, döwlet Baştutany sözüni dowam etdi.

Milli Liderimiz çylşyrymly şertlere garamazdan, örän köp işleriň bitirilendigini we örän köp soraglary çözmegiň başardandygyny, döwlet dolandyryşy, içerki we daşarky maliýe, söwda, şeýle hem zähmet bazary, harytlary öndürmek ýaly ugurlardaky özgertmeleriň çaltlandyrylandygyny belledi. Bu işler bolsa orta möhletli geljekde önümçiligiň möçberlerini artdyrmaga mümkinçilik berdi.

Ministrler Kabinetiniň we Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň hakyky ýagdaýlardan ugur alyp kabul edýän dogry kararlarydyr çözgütleri, biziň sazlaşykly, tutanýerli we maksada okgunly işlerimiz, halkymyzyň giňden goldawy ykdysadyýetde hem-de daşary syýasatda oňyn netijeleri gazanmagyň girewi boldy.

Türkmenistanyň Prezidenti ykdysadyýeti ösdürmegiň tassyklanan döwlet maksatnamalaryny amala aşyrmak boýunça netijeli işleriň geçirilendigine ünsi çekip, gurluşyk, senagat pudaklarynda we beýleki ugurlarda ýokary ösüş depginleriniň gazanylandygyny belledi. Puluň hümmeti bellenen çäklerde saklanýar. Ykdysadyýetimizi senagatlaşdyrmak we sanly ulgama geçirmek hem kabul edilen maksatnamalara laýyklykda alnyp barylýar. Ylym-bilim, saglygy goraýyş ulgamlarynda we beýleki pudaklarda özgertmeler dowam etdirilýär.

Döwlet Baştutany milli ykdysadyýetimiziň dürli pudaklarynda gazanylan üstünlikler barada aýdyp, oba hojalygyny özgertmek boýunça kabul edilen çäreleriň hem netije berip başlandygyny belledi. Şunuň bilen baglylykda, milli Lider şu ýyl gallanyň we gowaçanyň gowy hasylynyň alnandygyny, iri zawod-fabrikleriň gurluşygynyň üstünlikli dowam etdirilýändigini belledi. Geçirilýän özgertmelere laýyklykda, nebitgazly känler özleşdirilýär, gaz geçirijiler gurulýar. Has oňaýly ýaşaýyş jaýlarynyň, mekdepleriň, ýokary derejeli myhmanhanalaryň we beýleki durmuş maksatly desgalaryň gurluşygy giň gerim bilen alnyp barylýar.

Bu işleriň hemmesiniň netijesi hökmünde biz jemi içerki önümiň ösüşini ýokary depginde, ýagny 6,2 göterim möçberde saklaýarys diýip, döwlet Baştutanymyz sözüni dowam etdi.

Milli Lider halk hojalygynyň ähli pudaklarynda diýen ýaly önümçiligiň möçberiniň ösüşiniň bellenen tabşyryklaryň çäklerinde üpjün edilendigini belledi. Zähmet haklarynyň, pensiýalaryň we döwlet kömek pullarynyň möçberleri artdyryldy.

Saglygy goraýyş ulgamynda öz wagtynda zerur çäreleriň görlendigi aýratyn bellenildi. Ýurdumyza ýokanç keselleriň aralaşmagynyň öňüni almak maksady bilen görlen öňüni alyş çäreleri bilen birlikde, saglygy goraýyş ulgamynyň maddy-enjamlaýyn binýady hem ep-esli berkidildi we bu işler dowam etdirilýär.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow hasabat döwründe Balkan welaýatynyň Türkmenbaşy şäherinde Ýokanç keseller hassahanasynyň, Magtymguly etrabynda köpugurly hassahananyň işe girizilendigini, Aşgabat şäherinde Halkara fiziologiýa ylmy-kliniki hem-de Halkara sagaldyş-dikeldiş merkezleriniň gurluşygyna badalga berlendigini belledi.

Ahal welaýatynyň täze edara ediş merkezinde welaýat Saglygy goraýyş müdirliginiň edara binasynyň, köpugurly hassahananyň, Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş, Çagalar sagaldyş-dikeldiş hem-de «Tiz kömek» merkezleriniň, saglyk öýleriniň, Daşoguz welaýatynda köpugurly hassahananyň we Onkologiýa merkeziniň, Balkan welaýatynda köpugurly hassahananyň gurluşygy dowam etdirildi. Halkara Saglyk merkezleri müdiriýetiniň Halkara Iç keselleri, «Ene mähri» hem-de Saglygy goraýyş-anyklaýyş merkezlerini döwrebaplaşdyrmak işleri alnyp baryldy.

Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynda öndürilen «Tiz lukmançylyk kömegi» dikuçarlary halkymyzyň hyzmatyna berildi diýip, Türkmenistanyň Prezidenti kanagatlanma bilen belledi.

Şunuň bilen birlikde Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň serişdeleriniň hasabyna «Tiz kömek» awtoulaglarynyň 50-si welaýatlaryň etrap hassahanalarynyň çagalar bölümlerine sowgat berildi. Şeýle hem «Mersedes-Benz» kysymly «Tiz kömek» awtoulaglarynyň 50-si saglygy goraýyş edaralaryna paýlandy.

Döwlet Baştutany ýurdumyzyň wekilçilikli we kanun çykaryjy häkimiýet edaralaryny mundan beýläk-de kämilleşdirmek boýunça işleriň alnyp barylýandygyny, zähmet haklaryny tölemek boýunça hiç hili meseläniň ýokdugyny belledi.

Mundan başga-da, häzirki wagtda umumy şertnama bahasy 36 milliard dollara golaý bolan iki ýarym müňden hem köp önümçilik we durmuş maksatly desgalaryň gurluşygy alnyp barylýar. Bu gurluşyk işleri amala aşyrylýan taslamalaryň geriminiň giňdigini görkezýär. Bütin ýurdumyz boýunça belent desgalar, iri täze ýaşaýyş jaý toplumlary bina edilýär. Müňlerçe kilometre uzaýan tizlikli awtomobil we polat ýollary çekilýär, halkara ähmiýetli ulag üpjünçilik ulgamlary döredilýär.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow bu işleriň ýakyn ýyllarda ykdysadyýetimizi ösdürmäge bolan goşandymyzdygyny belledi. Şu ýyl meýilleşdirilen 30 sany iri desganyň ýerine umumy bahasy 13 milliard manat bolan 73 iri desga ulanmaga berildi.

Işe girizilen iri desgalaryň hatarynda Aşgabatdaky Hökümet münberiniň toplumy, Söwda merkezi we iki sany ýedi ýyldyzly myhmanhana, Ahal welaýatyndaky iki sany iri dokma toplumy we ýokary tizlikli awtomobil ýoly bar. Şeýle hem olaryň hatarynda Balkan welaýatyndaky iri suw howdanyny hem-de birnäçe hassahanany, Daşoguz we beýleki welaýatlarda haly fabriginiňdir «Türkmeniň ak öýi» binalaryny, «Türkmeniň alabaý itleri» desgalar toplumlaryny görkezmek bolar.

Bu aýdylanlara Lebap welaýatyndaky Kerki Halkara howa menzilini, iri elektrik we gaz basyş stansiýalaryny, Mary welaýatyndaky plastmassa turbalaryny öndürýän zawody hem mysal hökmünde agzap bileris diýip, döwlet Baştutany sözüni dowam etdi. Şu ýyl Akina — Andhoý stansiýalarynyň arasynda 30 kilometrlik demir ýol ulgamy, Kerki — Şibirgan ugry boýunça uzynlygy 153 kilometrlik elektrik geçiriji, şeýle hem Ymamnazar — Akina we Serhetabat — Turgundy halkara optiki-süýümli aragatnaşyk ulgamy işe girizildi.

Ýurdumyzda şu ýyl umumy meýdany 1 million inedördül metre golaý ýaşaýyş jaýlary, şol sanda otaglarynyň ýerleşişi gowulandyrylan ýaşaýyş jaýlary, çagalar baglary, 7 mekdep, lukmançylyk edaralary we beýleki durmuş maksatly desgalar ulanmaga berildi.

Türkmenistan — Owganystan — Pakistan — Hindistan halkara gaz geçirijisiniň, Türkmenistan — Owganystan — Pakistan elektrik geçirijisiniň gurluşygy dowam etdirildi.

Geçip barýan ýylyň jemlerine baha bermek bilen, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow örän kynçylykly bolsa-da, onuň biziň üçin, umuman, gowy ýyl bolandygyny belledi.

Döwlet Baştutanynyň bu sözleri şowhunly el çarpyşmalar bilen garşylandy.

Biziň bu tagallalarymyza geljek nesillerimiziň mynasyp baha berjekdigine ynanýaryn. Pandemiýa sebäpli dörän ählumumy çökgünligiň kynçylykly synagyndan geçip, biz geljekde öz öňümizde has batyrgaý maksatlary we wezipeleri goýarys. Geljek ýyly anyk işleridir täze taslamalary amala aşyrmak bilen besläris diýip, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow sözüni dowam etdi.

Döwlet Baştutany öňde durýan meýilnamalar barada aýdyp, ýurdumyzy syýasy taýdan döwrebaplaşdyrmak işiniň dowam etdiriljekdigini belledi. Ata-babalarymyzyň müňlerçe ýyl mundan ozal düýbüni tutup giden demokratiýasynyň esaslary ýolbaşçylaryň saýlawly bolmagydyr, her adamyň öz islegini erkin beýan edip bilmegidir. Şeýle hem söz azatlygynyň goralmagy we raýat jemgyýetiniň berkidilmegidir diýip, milli Lider aýtdy. Munuň özi ýurduň ösüşinde esasy orny eýeleýär. Şoňa görä-de, bu kadalaryň ählisi biziň däp-dessurlarymyzda, kanunlarymyzda we tertip-düzgünimizde öz beýanyny tapýar.

Türkmenistanyň Prezidenti geljek ýyl üçin gowy býujetiň kabul edilendigini hem belledi. Zähmet haklaryny, pensiýalary, döwlet kömek pullaryny ýene-de 10 göterim ýokarlandyrmak göz öňünde tutuldy.

Ykdysadyýetde, durmuş we ekologiýa ulgamlarynda yzygiderli çäreleriň giň gerimli toplumyny amala aşyrmagy hem dowam etdireris. Ilatyň ähli gatlaklarynyň zerurlyklaryna we isleglerine düýpli üns bereris. Saglygy goraýşyň mümkinçiliklerini yzygiderli berkidip, zerur bolanda, bu ulgamyň maddy-enjamlaýyn binýadyny has-da pugtalandyrmak üçin goşmaça serişdeleri goýbereris diýip, döwlet Baştutany Gurbanguly Berdimuhamedow aýtdy.

Häzirki döwürde halkymyzyň agzybirligi, her bir raýatyň Garaşsyzlygyň gymmatlyklaryny gözüniň göreji ýaly goramagy örän möhümdir diýlip, çykyşda aýratyn bellenildi.

Biz halkara howpsuzlyk ulgamyny berkitmäge gönükdirilen daşary syýasy ugrumyzy dowam etdirip, Birleşen Milletler Guramasynyň we onuň düzümleriniň ornuny pugtalandyrmaga ýardam bere-

*(Dowamy 3-nji sahypada).*

Интернет газета
Международные новости

# The conference dedicated to the motto of year 2022 “Epoch of people with Arkadag” was held in Ashgabat

